Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# b) Öten zaman işligi

**222-nji gönükme.** Hekaýany okaň, has gara ýazylan sözleriň bolup geçen hereketi aňladýandygyna üns beriň.

Selbi dükandan gelỳärdi. Onuň öňünden garry ene barýardy. Garry enäniň elinde ỳüki **bardy.**

Ol ony zordan göterip barýar. Selbi garry enäniň yzyndan ỳetip, onuň ỳüküni elinden **aldy.** Ony garry enäniň öỳüne eltip **berdi.**

*-dy, -di* goşulyp, bölüp geçen hereketi aňladýan işlikler öten zaman işligidir. Bulardan *-dy* ýogyn çekimlili, *-di* inçe çekimlili işliklere oşulỳar.

Öten zaman işligi *näme etdi, näme etdiler?* diýen soraglara jogap bolýar.

Meselem: *oka-okady, okadylar, gel-geldi, geldiler, ýaz-ýazdy, ýazdylar, bil-bildi, bildiler.*



**223-nji gönükme.** Okaň we öten zaman işliklerini saýlap depderiňize göçüriň.

Döwletler obada ýaşaýarlar. Olaryň jaýlarynyň ýeňsesinden uly ýol geçỳärdi. Ýoldan maşynlar geçip durdy. Meret bilen Döwlet köçede top oýnap başladylar.

Oglanlar oỳna gyzygyp, maşynyň golaý gelenini hem görmediler, Sürüji oglanlara gözi düşüp, maşyny kynlyk bilen saklady.

***Sorag:***

Köçede top oỳnamak bolýarmy?

**224-nji gönükme.** Köp nokatlara derek öten zamanyň degişli goşulmasyny ỳazyp, sözlemleri depderiňize göçüriň.

Sähedi üç ỳaşynda çagalar bagyna ber...ler. Sähet çagalar bagynda ýedi ỳaşyny dolduryança bol... . 0l çagalar bagynda oňat terbiýelen... . Terbiýeçiler oňa köp zatlary öwret...ler. Sähet rusça sözleỳän çagalar bilen köp oỳna... . Şonun üçin ol rus diline hem ökdele..

**225-nji gönükme.** Surata seredip, soraglar esasynda **hekaýajyk** düzüp, depderiňize ýazyň. Hekaýadaky öten zaman şeklinde gelen sözleri aýdyň.



**Soraglar:**

1. Kim mekdebe barýardy?

2. Ýusup mekdebe gidende nireden geçmelidi?

3. Ýusup demir ýoldan nämäniň gelỳändigini  gördi?

4. Ýusup otlynyň geçeriňe garaşdymy?

Öten zaman  işliginiň ýokluk şekili *-dy, -di* goşulmasynyň öňünden *-ma, -me* getirilip ýasalýar. Bulardan *-ma* ýogyn çekimlili, *-me* ince çekimlili işliklere goşulỳar.

Meselem:*geldi- gelmedi, bardy-barmady, gitdi-gitmedi, çykdy-çykmady.*

**226-nji gönükme.** Okaň we öten zaman işliginiň ýokluk Şekilini aýdyp beriň.

1. Biz düỳn şähere gitmedik, obada bolduk.

2. Ol meniň ýanyma gelmedi.

3. Men Saparlara barmadym.

4. Biz ol ỳerde hiç zat goỳmadyk, hemmesini özümiz bilen alyp gitdik.

5. Men Atany görmedim.

6. Biziň öňümizden hiç kim çykmady.

7. Men onuň tabşyran ýumuşlarynyň käbirini ỳerine ỳetirip bilmedim.

## *şäher*

**227-nji gönükme.** Okaň we ýokluk şekilde ulanylan öten zaman işliklerini depderiňize göçüriň.

— Orazyň nirä gidenini bilỳärmiň?

— Ýok, sebäbi ol maňa nirä gitjegini aýtmady.

— Oraz näme bilen gitdi?

— Orazyň näme bilen gidenini men görmedim.

— Ol haçan geler?

— Onuň haçan geljekdigini soramadym. Onuň özi hem maňa aytmady,

**228-nji gönükme.** Köp nokatlaryň deregine öten zarnanyň ýokluk şekiliniň degişli goşulmasyny ỳazyp göçüriň:

***-ma*** we ***-me*** goşulmalarynyň nähili sözlere goşulỳandygyny aydyň. .,

| | |
|---|---|
| Gör......di | görkez......dı |
| al......dy | çykar......dy |
| git......di | diy......di |
| çyk......dy | diňle......di |
| gel......di | gürle......di |
| otur.....dy | barla......dy |
| ỳat......dy | getir......di |
| aýti.....dy | gaýt......dy. |

**229-nji gönükme.** Bu işlikleriň hersine degişli bir sözlem düzüp, depderiňize ýazyň. Olaryň haýsylarynyň barlyk, haýsylarynyň ýokluk şekildigini  aýdyň.

Barmady, görmedi, aldy, ýazdy, almady, gitmedi, gitdiler.

## Öten zaman işliginiň ýönkeme bilen üỳtgeyşi

Turkmenkultur.com

Öten zaman işligi belli bir ýöňkemede  bolýar. Munuň ýönkeme goşulmalary aşakdakylardyr:

| Ýönkemeler | Goşulmalary | Mysallar | |
|---|---|---|---|
| | | Barlygy | Ýoklugy |
| Birligi: 1.Birinji | -m | aldy-m, geldi-m, | almady-m, gelmedi-m. |
| 2.Ikinji | -ň | aldy-ň, geldi-ň, | almady-ň, gelmedi-ň. |
| 3.Üçünji | - | aldy, geldi, | almady, gelmedi. |
| Köplügi: | -k | aldy-k, geldi-k, | almady-k, gelmedi-k. |
| 1. Birinji | - ňyz, -ňiz - lar, -ler | aldy-ňyz, geldi-ňiz, | almady-ňyz, gelmedi-ňiz. |
| 2. Ikinji | | aldy-lar, geldi-ler, | almady-lar, gelmedi-ler. |
| 3. Üçünji | | | |

**230-nji gönükme.** Nakyllary okaň, 1-3 nakyllaryň manysyny öz sözleriňiz bilen aýdyp beriň. Soňra ***öwretdi, ýatdy, bilmedi, ỳatmady*** diýen öten zaman işliklerini ýöňkemeleriň birligi hem-de köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

## Nakyllar

1. Akylly öwrener.

2. Ýatan öküze iým ýok.

3. Agaç başy dik, miwesi aşak.

4. Altyn ỳerde ỳatmaz, ỳagşylyk ýolda galmaz.

5. işlemedik — dişlemez.

Kitabyňyzyň ahyryndaky sözlükden peýdalanyp, ***ýagsylyk*** sözüniň manysyny düşündiriň.

**231-nji gönükme.** Okaň, öten zamanyň birinji ýöňkemesiniň birliginde we köplüginde gelen işlikleri göçüriň.

1. Men seniň aýdan kitabyňy ozal okadym. 2. Öten agşam hemmämiz kino gitdik. Ol ỳerde men Sapary gördüm, ol hem kino baran eken. Kinoda men ejemiň, kakamyň ýanynda oturdym. Biz kinodan çykyp, göni öýümize gaýtdyk, Öýe gelip, kinoda gören zatlarymy garry atama-da aýtdym. 3. Geçen

Turkmenkult

dynç güni biz şäheriň haýwanat bagyna gitdik. Haýwanat bagynda iki sagat bolduk. Men ol ỳerde maýmynlara alma berdim. 4. Biz ýolda gül bazaryna bardyk. Men Maýsa üçin gül aldym.

**232-nji gönükme.** Gürrüňi göçüriň,soňra öten zamanyň ikinji ýöňkemesiniň birliginde we köplüginde gelen işlikleriň aşagyny çyzyň,

— Sen Amanyň ýanyna kim bilen gitdiň?

— Men Amanyň ýanyna Mergen bilen gitdim.

— Siz Anıany nirede gördüňiz?

— Biz Anıany görmedik. Ol mellege giden eken.

— Onsoň siz näme işlediňiz?

— Onsoň biz Geldilere gitdik.

**233-nji gönükme.** Şygry labyzly okaň. öten zamanyň Üçünji ýöňkemesiniň birliginde we köplüginde gelen işlikleri aýdyp beriň.

## Durnalar

Nowruz geldi, gyş geçdi.

Ekin ỳerler sürüldi.

Sowuk arany açdy,

Gökde durna göründi.

.

Obamyzyň üstünden,

Toýnuk gurap gitdiler.

Uçup ỳeriň peşinden,

Baýyrlyga ýetdiler.

.

Sonarlykda ỳayraşyp,

Çemenlikde gondular.

Turkmenkultur.com

Bökjekleşip, oỳnaşyp,

Çeşme suwdan gandylar.

.

Şeydip dogduk diỳarda,

Ýene mesgen tutdular.

Guş dilinde saýraşyp,

Göwnümi şat etdiler.

*H. Nurmyradow.*

Çeşme sözüniň manysyny düşündiriň we sötlük depderiňize ýazyň.

**234-nji gönükme.** Birinji , ikinji, üçünji ýönkemedäki öten zaman işlikleriniň hersine degisli bir sözlem düzüp, depderiňize ýazyň.

Okadym, gelmediň, ýazdy, oýnadyk, bildiňiz, barmadylar.

Nusga: *Men gyzykly kitap okadym.*

*-ňyz, -lar* ýogyn çekimlili, *-ňiz, -ler* inçe çekimlili öten *zaman* işliklerine goşulỳarlar.

Meselem: *okady-ňyz, okady-lar, geldi-ňiz, geldi-ler.*

**235-nji gönükme.** Göçürin we ***-ňyz*** goşulan işlikleriň aşagyna bir çyzyk, ***-ňiz*** goşulanlaryň aşagyna iki çyzyk çyzyň.

1. Siz geldiňiz, biz gitdik. 2. Siz obadan haçan geldiňiz? Obada näçe gün bolduňyz? Obada oňat dynç aldyňyzmy? 3. Siz ony tanadyňyzmy? 4. Siz öten agşam kino gitdiňizmi?

**236-nji gönükme.** Köp nokatlaryň deregine ikinji ýöňkemaniň köplüginiň degişli goşulmasyny ýazyp, aşakdakylary göçüriň. Goşulmalaryň dogry ỳazylyş düzgünine üns beriň.

| | |
|---|---|
| Okady... | oturdy... |
| geldi... | gitdi... |
| ýazdy... | aýtdy... |

Turkmenkultur.com

diňledi... berdi...

barlady... ýatyrdy...

görkezdi... tikdi... .

N u s g a : okadyňyz, geldiňiz,...

**237-nji gönükme.** Bu işlikleri öten zamanyň ikinji ýöňkemesiniň barlyk we ýokluk şekiliniň birliginde hem-de

köplüginde getirip, depderiňize ýazyň.

Ýaz, bil, görkez, ylga, bar, git, gel, çyk, diňle, oýna, diý, aýt.

Nusga: ỳazdyň - ýazmadyň, ỳazdyňyz -ýazmadyňyz,...

**238-nji gönükme.** Nokatlaryň deregine öten zamanyň üçünji ýöňkemesiniň köplüginiň degişli goşulmasyny

goşup göçüriň.

Geldi ... oturdy...

okady... diňledi...

gitdi... ýatdy...

ylgady... çykardy...

ỳaryşdy... öwretdi...

bildi... öwrendi...

Nusga: geldiler, okadylar, ...

**239-nji gönükme.** Üçünji ýoňkemäniň birliginde gelen aşakdaky işlikleriň gapdalyndan olaryň köplügini getirip, depderiňize ýazyň. Goşulmalaryň dogry ýazylyş düzgünine üns beriň.

Girdi- ýasady-

ýazdy- oýnady-

gaýtdy- berdi-

kakdy- görkezdi-

bejerdi- ýatyrdy-

Turkmenkultur.com

Nusga: girdi-girdiler, ýasady-ýasadylar,...

Içinde dodak çekimlisi bolan bir bogunly işliklere *-dy, -di* goşulyp,ýönkeme bilen üỳtgände, *-dy, -di* goşulmasy *-du, -dü* görnüşine geçỳär.

Meselem: *gör-di - gördüm, doỳ -d y - doỳdum.*

**240-nji gönükme.** Okaň we göçüriň, ýönkeme bilen üýtgän öten zaman işlikleriniň aşagyny cyzyň, olaryň haýsy ýöňkemededigini aýdyň.

1. Olar hem biziň bilen şäherde boldular.
2. Sen Aşgabat-Moskwa aralygynda uçỳan uly uçarlary gördüňmi?
3. Bedräniň içindäki hapalary men dökdüm.
4. Olar Atany görüp durdular.
5. Biz tilkiniň süreniniň agzynda gapan gürdük.

***bedre***

**241-nji gönükme.** Göçüriň. Nokatlaryň deregine öten zaman işliginiň degişli goşulmasyny ýazyň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Ylga...ak, | bil...ňiz, | düş...m, | göç...k, |
| gör...ler, | dur...lar, | düş...k, | bil...m, |
| gör...ňiz, | dur...ňyz, | gaýt...k, | bil...ň, |
| gör...k, | dur...m, | gaýt...lar, | ýol...m, |
| bil...k, | çyk...ňyz, | duş...k, | aýt...m, |
| bil...ler, | düş...ler, | göç...ler, | aýt...ňyz. |

N u s g a : ylgadyk, gördüler.

* * *

Turkmenkultur.com

**242-nji gönükme.** Aşakdaky öten zaman işliklerini üç ýoňkemaniň birligi hem köplügi bilen üýtgediň.

Ýoldy, boldy, dördi, düşdi, berdi.

Nusga:

| **Birligi:** | **Köplügi:** |
|---|---|
| 1. Ýoldum. | Yolduk. |
| 2. Ýolduň. | Ýolduňyz. |
| 3. Ýoldy. | Ýoldular. |

**243-nji gönükme.** Aşakdaky öten zaman işlikleriniň hersine degişli bir sözlem düzüň. Soňra düzen sözlemleriňizi depderiňize ýazyň.

Oýnadym, geldiler, gaýtdyň, çykdyk, gitdiňiz.

**244-nji gönükme.** Hekaýany okaň, onuň mazmunyny özüňizçe depderiňize ýazyň we öten *zaman* işliginiň aşagyny çyzyň.

**Batyr şagal tutdy**



Agşam Batyr gapan gurdy. Ol gapany ketegiň agzynda gurdy.

Daňa golaý ketegiň ýanynda şeyle bir çirkin ses çykdy welin, bütin oba ördi. Adamlar bardylar.

Ähli goňşular hem üýşdi. Gully hem gözüni owkalap, daşaryk çykdy.

Mämmet aga hem geldi. 01:

-Berekella,oglum!

Bu şagal obanyň towuklaryňa gün beren däldir— diýip,

Batyryň arkasyna kakdy.

Batyryň ýoldaşlary ony ýerli-ýerden gutladylar

***Örmek*** sözüniň nähili manylary bar? Sözlükden öwreniň.

*N. Geldiýew, «Batyr ýeserje».*

Tepenkultur.com